# Mährem enäniň ýazgylary -2/dowamy

Category: Edebi makalalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Mährem enäniň ýazgylary -2/dowamy II bap
Aýallar barada

Biziň aýallar jynsymyz barada dürli-dürli pikirler bar. Olaryň käbiri bize iň belent adamkärçiligi ýöňkäp, çendenaşa öwgüleri bilen biziň işimizi görýärler; beýleki birleri aýal maşgalalaryň diňe aýyplaryny gözläp, öz adalatsyzlyklary bilen göwnümize degýärler, hatda aýallaryň özleri-de jynslaryna dürlüçe düşünýärler; olaryň käbiri onda ähli belent zatlary görse, beýlekileri olary iň pes hem betbagt adamlar hasaplaýarlar. Şeýlelikde, ertirki gününiň nähili boljakdygyny bilmeýän bigäne adam özi üçin älem-jahanda hiç bir syr ýokdur hasap edip, her bir ýaşaýan jandaryň maksadyny aňýandyryn öýdýär. Ähli zady unudyp, bütin dünýäni hem özüni döreden Biribaryň buýruklaryny ýazgarmaga het edýär; köplenç öz körlügi zerarly, ygtyýar özünde bolsa, dünýäni has gowy dolandyrardym, ähli zady özümçe üýtgederdim diýip pikir edýär. Emma akylly-başly adam beýle pikir etmeýär; ol Hökmi güýçliniň kanunlaryny gözüniň göreji ýaly görýär we olary sylaýar, bagtyýar bolmagyň hötdesinden gelip, haýsy jynsda, haýsy ýagdaýda doglanam bolsa, öz borçlaryny gyşarnyksyz berjaý edýär; ol şeýtmek bilen Taňrynyň buýrugyna, öz borjuna tabyn bolýar; sebäbi kimde-kim öz borjuny etmelisi ýaly berjaý etse, kimde-kim öz ynsabynyň öňünde arassa hem bagtyýar bolsa, ol öz maňlaýyna ýazylan maksadyna ýetýär we durmuşyň kyn meselesine hötde gelýär.
Gyzym, sen özüňiň eziz jynsa degişliligiň üçin gam çekmegin; sebäbi zenan maşgala-da arzyly, peýdaly adam bolup bilýändir. Tebigat erkek kişä güýç eçilipdir, sebäbi ol oňa ejize hossarlyk etmegi, galat zada garşy durmagy we jenaýata temmi bermegi ynanypdyr. Ol söweş meýdanynda öz ganyny dökýär;

kanunlar ýazýar, olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär; ýurtlary basyp alýar, adamlara bilim- sowat öwredýär, olary gorap saklaýar, olary edara edýär; gepiň küle ýeri, ol erkek kişidir. Hudaýtagala zenan maşgalany ejiz hem näzik edip ýaradypdyr; ol erkek kişä teselli berip, ony köşeşdirmelidir, ony bagtyýar etmelidir. Eger ýer ýüzünde diňe erkekler ýaşamaly bolsa, ol dünýe wagşyýana hem ýürekgysgynç bolardy, eger onda diňe zenan maşgalalar ýaşamaly bolsa, onda ol biderek hem biweç bolup görnerdi. Olaryň özara gatnaşyklary, birek-birege goldawlary jemgyýetçilik tertip-düzgüniň esasy bolup hyzmat edýär, şunlukda, eger erkekler dünýäni dolandyrýan bolsa, biz onuň bezegi bolup hyzmat edýändiris.
Aladaçyl Taňry munuň üçin bize degişli zatlaryň baryny: gözellikdir näziklik, imisalalyk eçilipdir. Eger biz şeýle ejiz, şeýle sadyk bolmadyk bolsak, durmuş iň gowy eşretlerinden mahrum bolup, biz söýgä, özümizi halatmaga onçakly mynasyp bolmazdyk, onda belkäm, zenan maşgalalar özleri üçin Hökmi güýçliniň buýran sada hem beýik ýagşylyklaryny berjaý etmekden ejiz gelerdiler.
Men käbir adamyň «zenan maşgalanyň beýle çäklendirilmesi ýerlikli däl» diýýän paýhassyz gürrüňini diňläp durup bilemok. Olaryň pikiriçe, zenan maşgala erkek kişiň iş salyşýan ylymlary bilen iş salşyp, erkek kişiler ýaly gullukda bolmalymyş, erkek kişiler ýaly döwletiň uly-uly wezipelerini eýelemelimiş… Bagtymyza dünýäniň ilkinji kanun çykaryjysy örän dana bolupdyr, şonuň üçünem Hudaýtagalanyň eli bilen berkarar edilen düzgüni hiç kes üýtgedip bilýän däldir. Özüni Hudaýtagalanyň ýaradyşyndan ýokary tutjak bolýan zenan, juda küpür iş edýändir. Liza! Sen hiç haçan beýle meýle kowalaşmagyn; ýene-de bir gezek aýdýaryn, bize buýrulany diýseň gowudyr. Ähli zada kaýyl, kiçigöwün, sabyrly, paýhasly zenan Taňrynyň nury siňen adamlarydyr, şonuň üçin biziň hemmämiz şeýle zenanlar bolmalydyrys.
Adamsy özünden uzakda watandaşlarynyň ykbaly barada aladalanyp, adalatlylykdyr jemgyýetçilik imi-salalygyna gözegçilik edip ýörkä, il-günüň abadançylygy ugrunda ser-sepil bolup, watany gorap ýörkä, adamkärçilikli keýwany iki elini

gowşuryp oturýan däldir. Öý-içeriniň aladalary, agyz dolduryp, gürlär ýaly uly bolmasa-da, barybir peýdalydyr: keýwany öýe serenjam berýändir, hojalygy ýöredýändir, adamsynyň işinden soň ine-gana dynç almagyny berjaý edyändir, mahal-mahal äriniň tutuk günleri mylaýym söýgüsi bilen ýassykdaşynyň şähdini açýandyr. Beýle zenan adamsynyň şatlygyna şatlyk goşup, derdini paýlaşýandyr; ol käte adamsyny uly işlere ataryp, mahal- mahal oňa şowly maslahatlar berýändir, şeýdibem ol il bähbitli uly iş edýändir, emma muny adam ogly bilýän däldir. Ýöne onuň enä öwrülýän halatyny näme bilen deňeşdirjek diýsene. Çagajygyna gözi düşen dessine ol ähli çeken azaplaryny bada-bat ýatdan çykarýar, çünki onuň ähli azaby ýerine düşüpdi. Ýöne enäniň öz perzendiniň kalbyna ynam, namys, ýagşylyk ýaly sypatlary ornaşdyrmak üçin oňa taýýarlan geljeginiň ýanynda adaty durmuş dagy nämejikdir! Emma ol ogullaryna bary-ýogy on ýaşaýançalar seredýändir, ýöne şu az salymyň içinde hem ol olara dünýäniň ýagşylygyny öwredip ýetişýändir. Bar zat ilkinji täsirlere baglydyr. Tüýs takwa hem öz borjuna diýseň dogry düşünýän ene şujagaz az döwrüň dowamynda ogullarynyň kalbyna ynamdyr ýagşylyklaryň mizemez başlangyjyny ornaşdyrmaga ýetişýändir; onuň beren öwüt-ündewleri çaganyň kalbyndan wagty bilen çykýan däldir, şonuň üçinem hatyraly-hatyraly adamlaryň, beýik kişileriň ählisiniň diýen ýaly mynasyp eneleri bolupdyr diýip, biziň jynsymyza ýakymly baha berlipdir. Ýogsam näme, ene bütin ömrüni ogullary barada alada edip geçirmeýärmi näme? Eýsem ol irde-giçde olardan sowaşýarmy näme? Ene olardan aýra düşüp, alyslarda gezip ýörkä-de, olaryň ylymdyr ýagşylyklar barada gazanýan üstünliklerini eşideninde göwni aram tapýar, olaryň öz bilmeýän, düşünmeýän zatlaryny öwrenýändiklerini eşidende bolsa, begenip, iki bolup bilenok! Eýsem ýaş juwanlykda mährem eneden başga zady eý görýän adam barmyka berin? Eýsem perzendiniň şatlykdyr gaýgysyny ene ýaly paýlaşyp biljek adam barmyka? Perzendiniň gürrüňini ene ýaly lezzetli diňläp biljek adam barmyka? Onuň üstünliklerine, gazanýan şöhratyna ene ýaly begenýän tapylarmyka? Beýle perzentler onçakly köp bolmasa-da, şonuň ýaly söýgüdir aladalaryň gadyryny bilmeýän ogullara

Hudaýtagala eýgilik eçilýän däldir. Söwer enäniň mähri ýüreklerden hiç haçan çykyp gidýän däldir. Gowy gylykly ýigit ol barada keýp edip gürrüň berer, söýgüdir şöhrady, sylag-serpaýlary ýatdan çykaryp ugran çalsaç goja bolsa ene barada gürrüň gozgalanda gasyn-gasyn bolup duran ýüzünden boýur-boýur ýaş syrykdyrar.

Eneler gyzlary bilen has köp azap çekmeli bolýarlar, sebäbi gyzlary dünýä inenlerinden tä durmuşa çykýançalar onuň ýanynda bolýarlar. Gyzlarynyň gowy gylyklary-zehinleri, aň-düşünjeleri hemmesi enäniň arkasyndadyr. Olara mümkin boldugyça köp peýda getirmek üçin enäniň özi öwrenýär, peýdaly bir zat tapyp, çagalaryna ýetirip bolaýjak ähli zady yhlas bilen okaýar; ol dünýewi lezzetlerden galyp, ähli wagtyny olara sarp edýär. Eger gyzy ýetişip ugrasa, ene entek juda ýaş hem bolsa, özüni ýatdan çykaryp, diňe perzendiniň görk-görmegi barada aladalanyp başlaýar; ol özüniň görk-görmegini wagtyň kem-kemden gaçyrýandygyna göwün-kine edenok, diňe gyzy görk-görmekli bolýar, iň soňunda ol özüni düýpden ýatdan çykarýar ýa-da, has dogrusy, öz perzendiniň bähbidi bilen ýaşaýar.

Ýöne gyzy göze görnüp, göreniň sulhy alyp başlanynda we kimiňdir biriniň aýaly ýa-da enesi bolmaly wagty enäniň nähili güne düşýändigini bir görsediňiz! Gyzy geýnip ile çykanynda, enesi ondan gözüni aýryp bilenok; oňa bir wagtlar özüne aýdylan öwgülere garanyňda özüne aýdylan öwgüler has ýakymly; beýle sözler özüne diýlen wagtlary bu diňe onuň göwnüni götererdi, indi bolsa gyzyna aýdylýan ýakymly sözlere onuň bütin durky heýjana gelýär. Oňa şeýle sözi, şeýle alada, hossarlyk üçin mynasyp ýanýoldaş saýlap almak uly hyllalla öwrülýär; bu oňa özi üçin edenden has kyn düşýär. Ol gelen ýigidi howsala düşmän seljerýär, onuň gürrüňine gulak asýar, akyl-paýhasyna baha berýär, etmişlerini yzarlaýar, ukyplaryny ölçäp görýär: gyzynyň saýlap-seçen ýigidine-de, ol aşaklyk bilen ynanmazçylyk etjek bolýar, ak pata bereninde, onuň elleri sandyraýar. Özem Hökmürowanyň öz ke- remini ene patasy bilen birikdirmegini özelenip, dileg edýär. Indi iň şowly, paýhasly sataşan çatynjalaryň hem onçakly bagtly bol-maýandyklary, ýaş gyzyň durmuşa çykmak bilen, uly bagtyň

üstünden barsa-da ömrülla görmedik görgülerini görýändigi, wagtyndan öň ömür tanapyny üzjek kesellere duçar bolup, erkinligini ýitirýändigi ýadyna düşeninde ony howsala gaplaýar. Enäniň ynjyk ýüregi bu geljegi tutuşlygy bilen öz goýnuna çekip alýar; ol munuň üstesine öz ýagdaýy barada hem ýanyp-bişmeli bolýar, çünki ol ençeme ýyllap jorasy hem kömekçisi bolan adamdan jyda düşmeli bolýar… Kim bilýär, täze hamraklygyň, wagtyň hem aradaşlygyň gyzyň enäniň ähli azaplaryna we aladalaryna jogap hökmündäki söýgüsini kemeltse-de kemeldýär! Emma geljekki çatynjalykda gyzynyň bagtly boljakdygyny göreninde, ene özi barada birjik-de oýlananok, ol şol bagta tüýs ýürekden begenýär, hatda öz bagtyny çagajygynyň rowaçlygyna keýpihonluk bilen bagyş edýär. Ýöne enäniň gyzynyň nika gyýylýan ýere ugraýan pursadynda ýüregini howsala salýan duýgularyny beýan etmek mümkin däl; munuň özi biynjalyklykdyr bagtyň, gynançdyr şatlygyň garyndysydyr. Gyzynyň toý güni ene ýüreginde mekan tutan gapma-garşy duýgylary enäniň göz owalaryny doldurýan ýaşlar we dodakdaky ýylgyrmalary her bir sözden gowy suratlandyrýar. Göwnüňe bolmasa, onuň wezipesi şunuň bilen tamamlanýan ýaly, emma bu beýle däl; ol gyzyna ömürlik ýoldaş tapanam bolsa, ol baradaky aladalary gutarar ýaly däl. Eýsem bolmanynda terjibesizligi we ýaşlygy zerarly minutsaýyn peýdaly maslahata mätäç, täze durmuş gurýan gyz üçin ejesinden peýdaly adam bolup bilermikä? Ene sözleri bilen bolmasa-da, öz göreldesi bilen gyzyna birsyhly sapak berýär, şeýlelikde hem sallançakdan başlanan terbiýe hiç haçan tamamlanmaýar, ol terbiýe diňe gabyrda tamamlanýandyr.
Zenan maşgala buýrulan borç, ine, şeýledir; bu ýagşylyklar, bu bagt oňa Hudaý tarapyn berlendir. Liza, senem şonuň ýaly bolup bilersiň. Meniň saňa beýan eden obrazym hyýaly obraz däldir; sebäbi men şunuň ýaly zenanlaryň birentegini bilýärin. Meniň ejem has hem gowy gylyklydy, çünki onuň ömründe başdan geçiren şatlykdyr bimöçber betbagtlyklary onuň kalbyndaky täze we iňňän kyn ýagşylyklaryň başlangyjy boldy. Meniň joram hanym L…-a näme diýjek, ol eýsem şeýle zenanlardan dälmi näme? Sen ony özüňe görelde edip al we onuň ajap sypatlaryna öýkün. Onuň ýüz keşbindäki mylaýymlylygy birgörsediň! Biri bilen

gürleşeninde ol diýseň edepli. Sözleýän sözleri, edyän işleri örän paýhasly hem sypaýy. Ol öýlerini şeýle bir rejeli saklap, adamsyny jan-dil bilen söýýär, körpe çagalaryny onuň özi terbiýeleýär. Durmuşyň şatlyklaryna onuň sabyrlylyk bilen döz gelşini we munuň üçin ony uly iliň söýşüni, sylaýşyny birgörsediň! Onsoň haýsy birzenanyň oňa meňzäsi gelenok! Eýsem ol çagalaryny töweregine toplap otyrka, ylymly- bilimli, atly-abraýly erkekleriň gününi höwes etmek gerekmikä?
Hudaýtagala durmuşda erkege umumy zady, zenana bolsa hususy zady ynanypdyr. Olary iki sany suratkeşe deňemek bolar: suratkeşleriň biri-hä giň giden meýdany, ägirt belent daglary, deňiz gomlaryny saýlap alýar, bulary çekmek üçin oňa batyrgaý, ezber el gerek, beýleki suratkeş bolsa gülleri we kindiwanja zatlary saýlap seçýär, olary çekmek üçin bolsa şol suratkeşe sabyr-takat, näzijek çotga gerek. Şeýlelikde, olaryň ikisi hem kämillik derejesine ýetip bilýär.

Terjime eden: Daňatar BERDIÝEW

«Dünýä edebiýaty» žurnaly 1/2011 Edebi makalalar